# Ysraýyly biziñ günlerimiziñ dinozawry hasaplap bolarmy?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ysraýyly biziñ günlerimiziñ dinozawry hasaplap bolarmy?
YSRAÝYLY BIZIÑ GÜNLERIMIZIÑ DINOZAWRY HASAPLAP BOLARMY?



*Dino Park Experience, Tel Awiw / Fotosurat: Tomer Appelbaum*
Ysraýyl ýene-de Gazada müñlerçe adamyñ gumanitar kömek almak üçin üýşýän ýerine çozdy. Ýene ýüzlerçe öli, müñlerçe ýaraly bar. Muny nädip düşündirip bolar, men-ä bilemok. Bir palestinalynyñ aýdyşy ýaly:
***«Sen meniñ suwumy al, zeýtun agajymy ýak, öýümi ýok et, işimi elimden al, ýerimi ogurla, kakamy tussag et, ejemi öldür, ýurdumy bombala, bizi masgarala… Emma men «boldy ediñ» diýip daş zyñýanam welin, «günäkär-ä men, jebir çekenem sen bolýañ…»***
Men şahyr däl. Ýöne öññin Palestinadaky bu zulum-sütemiñ

pikirini edip otyrkam, tebigy ýagdaýda birdenkä şu setirler serimden geçdi:

*«Faraonlar ötdi-geçdi, ýatdan çykdy bireýýäm,*
*Bir dinozawryň ýaňy Gazada şindizem dik dur…»*

Dinozawrlaryň zulmuna akyl ýetirmek mümkin däl. Sebäbi olary eldekileşdirip we aýyplap bolmaýar. Ysraýylyň ilatynyň azyndan on esse köp millionlarça adam Ysraýyly näletleýändigine garamazdan, bu soňky aparteid dinozawry şindizem agzyndan ölüm gusmagyny dowam etdirýär.
Ewolýusiýanyň atasy hasaplanýan Çarlz Darwin ähli janly-jandarlaeyň millionlarça ýylyň dowamynda umumy atadan ösüp-örňändigini teoriýalaşdyrypdyr.
Darwiniň pikiriçe ewolýusiýa ýoly bilen ýüzlerçe ýylda adaptasiýa we kämilleşme mehanizmleri arkaly täze görnüşler döräpdir.
Adam ewolýusiýasy 12,5 million ýyl öň emele gelen Driopitekden ilkinji Homo Sapiensiň orta çykan 650 müň ýyl çemesi öňki döwre çenli ýedi aýry tapgyra gabat getirilýär.
Eýsem adamlaryň sosial taýdanam ewolýusiýalaşandygyny öňe sürüp bolarmy? Munuň subutbamasy asyrlar boýy kämilleşdiren we inçe çemeleşilen sosial ukyl-başarnyklarymyzmy?
Bu jemgyýetçilik ewolýusiýasy erkegiň haýsydyr bir aýaly kontrollyga alyp, öz jynsy meýillerini kanagatlandyrmagy ýaly hereketini soňlandyrdymy, ony düzgünleşdirip bildimi?
Kada-kanunkar şular ýaly medeniýetsiz we göräýmäge wagşyýana çemeleşmeleri gadagan etmek üçin taýýarlandymy?
Gürrüňsiz, şu meseleler dürli ýygnanyşyklarda şindizem jedeli edilýär.

*Gazada kömege garaşýan ýönekeý ilata hüjüm. Şol bir wagtda 81 adam öldürüldi:*
*https://t.co/7UDsaWg8Tk pic.twitter.com/nyEfkeLFwV*
*— Independent Turkish (@TurkishIndy) February 29, 2024*

Ikinji jahan urşundan soň täze genosidleriň öňüniň alynmagy üçin garjaşyk halkara kanunlary güýje girizildi.

Bu kanunlar bir ýurduň beýlekisi tarapyndan eksplutatirlemeginiň öňüni almak üçin taýýarlanypdy. Esasynda şeýtmek bilen ähli ýurtlara hormat goýulmalydy we her bir ýurda birmeňzeş görnüşde çemeleşmelidi.
Halkara kanunlaryň maksady hiç bir ýurduň başga bir ýurda agakyk etmezligini ýola goýmak üçin siwilizlenen jemgyýetleriň ýa-da ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirmek we haýsydyr bir ýurduň bu halkara kanunlaryndan birini bozan ýagdaýynda düzeldiji profilaktiki işleriň geçirilmegini üpjün etmekdi.
Bu halkara kanunlaryň mazmuny BMG-nyň resminamalarynda öwran-öwran nygtalypdy we şol bir wagtyň özünde Ženewa şertnamasynyň düzgünlerinde-de görkezilipdi.
BMG-nyň 193 agzasy bar. BMG-nyň Howpsuzlyk Geňeşiniň (HG) çykaran kararlaryny agza döwletleriň hemmesi ýerine ýetirmäge borçly. Ýöne BMG-nyň agzasy HG-niň özi barada çykaran 32 kararyny görmezlige saldy we bu bidüzgünçiliklerden soňam hiç kim ondan hasap soramaga milt etmedi.
Ysraýylyň halkara hukugyň ýokardalygy äsgermezlik edip gelmegi eýýäm soňky 56 ýyl bäri gaýtalanyp dur. Ýarym asyrdanam köp wagt.
Ysraýylyň halkara hukugy äsgermezlik etmeginiň onuň halkynyň hukuk boýunça ösmedikliginden, ewolýusiýasyny tamamlamanlygyndan, medeniýetleşmänliginden gelip çykýandygy netijesine gelip bilerismi?

*Özüni ýakan amerikan esgeri «Amerikan goşun bölümleri Gazadaky tunellerde söweşýär» diýipdir:*
*https://t.co/pz5jvtejD9 pic.twitter.com/yMyvux1wce*
*— Independent Turkish (@TurkishIndy) February 28, 2024*

Geçen hepde hemmeleriň gürrüňini eden iki uly ölümi dünýäniň habar beriş serişdeleriniň diline düşdi.
Biri «Ysraýyly biz gurduk» diýen jöhit Rotşildler maşgalasynyň ýaşulysy baron Ýakob Rotşild.
Rotşild aýratynam «akýagyz dünýäniň» doga-dilegleri bilen soňky ýoluna ugradyldy. Beýlekisi-de «Palestina azatlyk!»

diýip, Ysraýylyň Waşingtondaky ilçihanasynyň öňünde özüni ýakan amerikan esgeri Aaron Buşnell.
Aaronyň ölümi ýüz müňlerçe adamy oýlandyran, gynandyran ölüm boldy.
Elbetde, sionistik Ysraýylyň tarapdarlaryndan başgalaryny!..
Ysraýyl hökümetiniň press-sekretarlary başlyklaýyn, sionistler onuň ölümini ýaňsylamak, sosial mediýada kemsitmek, masgaralamak, pese düşürmek bilen garşylady.
Ullakan başyna gidenlik we perwaýsyzlyk bar. Muny indi söz bilenem beýan edip bolmajak ýagdaýa geldi.
Iň bolmanda dymyp oňarsalaram, az-uçuk adamdyklarynyň alamaty saýsa bolardy welin, şolam ýog-a bularda!
Ysraýyl ähli hapalygy, betnamlygy bilen meýdanlarda jort atýar…
Bir tarapda şonça tehnologiýa erk edip, beýleki tarapda-da beýle wagşyýanlygy nädip amala aşyryp bolýarka?
Bütin bu zatlardan soň berip boljak ýeke sowal galýar:
Ysraýylyň palestinalylara garşy ynsapsyz syýasaty we soňky ýetmiş ýyllap halkara hukugyň talaplaryna garşy özüni alyp barşy müňýyllyklardan aşyp gelen dinozawra çalym edýärmi?

Dr. Halim GENÇOGLY,
Günorta Afrika Respublikasynyň Keýptaun uniwersitetiniň Afrika barlaglary bölüminiň ylmy-barlagçysy / @halimgencoglu

Duşenbe, 04.03.2024 ý. Publisistika